**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň 25-nji oktýabryndaky**
**№107 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1-ul (awtoulag)"Awtomobil ulaglary we pudak edaralarynyň garamagyndaky ýollaryň uzynlygy barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 1-ul (awtoulag) "Awtomobil ulaglary we pudak edaralarynyň garamagyndaky ýollaryň uzynlygy barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabat formasy boýunça hasabat eýeçiligiň ähli görnüşleriniň kärhanalary we guramalary (hojalyklary) tarapyndan, öz hasabynda duran, bir we ondan köp ýerde awtoulag bilen ulag hyzmatlaryny ýerine ýetirýän edaralar tarapyndan ýarym ýyllyk düzülýär, hem-de öz hasabynda gara ýollar bar bolan hojalyklar, hususy ýa-da beýleki hojalyklardan kärendä alnandygyna garamazdan, ulag serişdeleri bar bolanlar we öz garamagynda ýollary bar bolanlar düzýärler.

Hasabat hojalyklar tarapyndan ýerleşýän ýeri boýunça hasabat edaralaryna we özünden ýokardaky guramasyna (bar bolan ýagdaýynda) hasabat ýylyndan soň ýanwaryň 25-ine tabşyrylýar.

Hasabatyň salgy böleginde hasabat tabşyrýan hojalygyň ýuridiki ady, salgysy, HSUK kody görkezilmeli.

Hasabaty doldurmak üçin esasy başlangyç resminamalar şular bolup durýar:

- ulag serişdesiniň tehniki pasporty;
- ýol hatlary;
- haryt-ulag hatlary;
- buhgalter hasabynyň resmi kagyzlary.

## 1 BÖLÜM. AWTOMOBIL ULAGYNYŇ ULANYLYŞY

1-nji bölüm doldurylanda, öz hasabynda ulag serişdeleri bar bolan hojalyklar, hasabata hususy, hojalygynyň öz balansynda duran we kärendä alnan (kärendä alnan tutuş döwri boýunça) ulag serişdeleriniň işini goşýarlar.

Kärendesine (kärendä alnan tutuş döwri boýunça) berýän hojalyk, kärendä berlen ulag serişdeleriniň işini hasabata goşmaýar.

Beýleki hojalyklara iş sapary bilen ulag işini ýerine ýetirmek üçin ugradylan ulag serişdelerine, şol ulag serişdeler hasabynda duran hojalyklar hasabata şu ulag serişdeleriniň hasabat ýylynda iş saparynda bolan wagtynda ýerine ýetirilen hyzmatlary barada maglumatlary goşýarlar.

Daşalan ýüklere umumy daşalan ýükleriň möçberi, ýük daşaýan ulag serişdeleri tarapyndan (ýük awtomobilleri, tirkegli ýük awtomobilleri, furgonlar, ýarym tirkegli we tirkegli tirkeg tirkeýän ýol çekijiler ýa-da tirkegsiz, awtootlular, ýüküni özi düşürýän ulaglar, sisternalar, pikaplar we ýeňil furgonlar), wagt hasabynda tölenilýän ýa-da şertleýin tölegi boýunça işleýänler goşulýar.

Ulag serişdeleriniň ähli görnüşleri bilen ýük daşalýan gatnawlar ýol hatlary we haryt-ulag hatlary bilen resmileşdirilýär.

Öz kärhanalaryna tehnologik hyzmatlary ýerine ýetirmek, galyndylary aýyrmak we sanitar taýdan işlemek boýunça, poçta hyzmatlary üçin, radioaragatnaşyk we elektrik aragatnaşyk ulgamlaryna hyzmat etmek boýunça, ýylylyk, gaz, suw we lagym ulgamlaryna hyzmat etmek boýunça, ylmy-barlag we geologiýa gözleg stansiýalaryna we toparlaryna hyzmat etmek boýunça, haryt-ulag goşmaça hatlaryny resmileşdirmezden, ýük daşalýan gatnawlary ýerine ýetirmäge rugsat berilýär.

01-nji setirde görkezilýän agramy ulag serişdeleri bilen daşalan ýüküň brutto agramy bolup durýar (ýüküň umumy agramy, ähli daşky gabynyň we konteýnerleriň, tirkegleriň, ýüki bar bolan kuzowlaryň agramy).

Eger-de gaplaryň agramy hasaba alynmaýan bolsa, onda hasap edilýän ýük brutto ýüki bolup durýar.

02-04-nji setirler boýunça 01-nji setirdäki daşalan ýükler olaryň daşan harytlaryň görnüşleri boýunça bölünýär (sarp ediş-azyk harytlary, sarp ediş-azyk däl harytlary we gaýrylar).

Ýük dolanyşygy (05-nji setir) daşalan ýüküň tonnada ölçenen agramynyň her bölegini kilometrde ölçenen aralyga köpeldilen möçberiniň jemi hökmünde kesgitlenilýär.

Ýolagçy gatnawlaryna ýolagçy gatnadýan ulag serişdeleri bilen gatnadylan ýolagçylaryň möçberiniň hemmesi goşulýar (şäheriň içinde, şäher töweregine gatnaýan awtobuslar, uzak aralyga gatnaýan awtobuslar, kiçi awtobuslar, bellenen ugry bilen gatnaýan taksomotorlar).

Ýolagçy gatnadýan ulag serişdeleri bilen gatnadylan ýolagçylaryň möçberi (06-njy setir) satylan ýol nyrhynyň resminamalarynyň sany bilen kesgitlenilýär (bir gezeklik petekler, abonement talonlary, ilat tarapyndan tölenen uzak möhletleýin abonement talonlary, mugt gatnawlary bilen peýdalanýan ýolagçylary goşmak bilen), ýolagçy gatnatmakdan gelen nagt pullar we beýleki hojalyklardan öňünden edilen arzalar boýunça ýolagçy gatnatmak üçin gelen serişdeler.

Pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna degişli bolan ulag serişdeleri bilen gatnadylan ýolagçylaryň sany her bir gatnawda gatnadylan ýolagçylaryň sanyny goşmak üsti bilen, ýol hatlarynda edilen ýazgylar boýunça hasaplanýar.

Ýolagçy dolanyşygy (07-nji setir) gatnadylan ýolagçylaryň sanynyň (we olaryň) her bir aýratyn gatnaw boýunça gatnadylan aralygyna köpeldilen möçberiniň jemi hökmünde kesgitlenilýär, ulagyň we gatnawyň her bir görnüşi üçin aýratyn hasaplanýar.

Awtomobilleriň umumy geçen ýol aralygy (08-nji setir) ulag serişdeleriniň hemmesiniň ýükli, ýüksüz we nula deň geçen aralygy (garaždan 1-nji ýükleme nokadyna çenli we soňky ýük düşürilýän nokatdan garaža çenli hem-de ýangyç guýmak üçin geçilen ýol aralyklaryny) goşmak bilen kesgitlenilýär.

Ýük daşaýan ulag serişdeleriniň umumy geçen ýol aralygyna (09-njy setir) daşalan ýükleriň möçberine garamazdan, ýükli ulag serişdesiniň, ýükleme we düşürme işleri geçirilen nokatlaryň arasyndaky geçen ýoly girýär.

Her bir awtoulag serişdesiniň umumy geçen ýoluny spidometriň görkezijileri boýunça hasaplaýarlar. Spidometriň görkezijilerini gatnaw nokatlarynyň arasyndaky tassyklanan aralyklaryň sanawy ýa-da karta boýunça barlaýarlar.

Ýolagçy gatnadýan we ýörite awtoulag serişdeleriniň geçen ýoly (10, 11, 12-nji setirler) hem şeýle kesgitlenýär.

## 2 BÖLÜM. HEREKET EDÝÄN DÜZÜMIŇ BAR BOLANY

Ulag serişdeleriniň kysymlarynyň we belgileriniň ähli görnüşleri hasaba alynmalydyr: ýük awtomobilleri (tirkegli ýük awtomobilleri, furgonlar, ýarym tirkegli, tirkegli ýa-da tirkegsiz tirkeg çekijileri, awtootlular, ýüküni özi düşürýän ulaglar, sisternalar, üsti sowadyjyly maşynlar we ş.m.); ýolagçy gatnadýan (şäheriň içinde, şäher töwereginde gatnaýan awtobuslar, uzak aralyga gatnaýan awtobuslar, kiçi awtobuslar, bellenen ugry bilen gatnaýan taksomotorlar); ýörite maksatly ulag serişdeleri (ýangyn söndüriji, tiz kömek, awtokranlar, özi ýöreýän katoklar, metal tekerli ýa-da zynjyrly buldozerler, kino almak, radio we teleýaýlymlar üçin niýetlenen ulag serişdeler, ýörite ýeňil awtoulaglar); ýeňil awtomobiller (taksomotorlar we hyzmatdakylar).

Awtomobiller Türkmenistanyň polisiýa ýol gözegçilik gullugy tarapyndan hasaba alnan tehniki pasporty boýunça görnüşlere bölünýär.

10-njy setirde "Awtomobiller - hemmesi" hasabat berýän hojalygyň hasabynda duran hemme ulag serişdeleriniň jemi sany görkezilýär, olaryň tehniki ýagdaýyna we ýerleşýän ýerine garamazdan (bejergide, bejergä garaşmada, işledilmän duruzylan, kärendede).

11-nji setirde "Ýük awtomobilleri - hemmesi" pikaplary we ýeňil furgonlary almazdan ýük awtomobilleriň hemmesi görkezilýär. Ýük daşaýan awtomobilleriň gurluşynyň görnüşi we düzüminiň ýokarky böleginiň görnüşi boýunça toparlara bölünişi (12, 13, 14, 15, 16, 17-nji setirler): adaty açyk kuzowly (üstli we tekiz), ýüküni özi düşürýän, sisterna, temperaturasy tertibe salynýan kuzow, beýleki ýapyk kuzowlar, gözenekli konteýner we aýrylýan kuzow daşamak üçin, diri mal daşamak üçin kuzow, beýleki kuzowlar. 1-3-nji sütünler boýunça 12-17-nji setirleriň jemi 11-nji setire deň bolmaly.

Ulag serişdeleriniň dwigatelinde ulanylýan ýangyjyň görnüşi boýunça toparlara bölünýär (18-22-nji setire çenli): benzin, dizel ýangyjy, gaz, ýangyjyň beýleki görnüşleri. 1-3-nji sütünler boýunça 18-22-nji setirleriň jemi 11-nji setire deň bolmaly.

2-nji bölümiň aýry setirlerinde kuzowyň gurluşy (12-17 setirler) we ulanylýan ýangyç( 18-22 setirler) boýunça ýük awtomobilleri ýarym tirkegler we tirkegler (23-24 setirler), ýolagçy gatnadýan awtobuslar, bellenen ugry bilen gatnaýan taksomotorlary goşmak bilen (25-32 setirler 1-3-nji sütünler boýunça 28-32-nji setirleriň jemi 25-nji setire deň bolmaly), ýolagçy gatnadýan ýeňil awtomobiller, taksomotorlary we hyzmatdaky ýeňil awtomobilleri goşmak bilen (33-35 setirler), pikaplar we ýeňil furgonlar (36-37 setirler), ýörite maksatly ulag serişdeleri (38-47 setirler, 1-2-nji sütünler boýunça 39-42-nji setirleriň jemi 38-nji setire deň bolmaly we 1-2-nji sütünler boýunça 43-47 setirleriň jemi 38-nji setire deň bolmaly ) görkezilýär.

2-nji bölümiň 2-nji sütüninde tehniki taýdan gurat awtomobiller, 3-nji sütüninde 1-nji sütünde görkezilen awtomobilleriň umumy ýük göterijiligi hem-de ýolagçy sygymlylygy görkezilýär. Bölümiň 4-nji we 5-nji sütünlerinde degişlilikde hasabat döwründe täze alnan hem-de hasapdan çykarylan awtoulaglaryň sany berilýär.

## 3 BÖLÜM. HOJALYGYŇ BALANSYNDA DURAN AWTOMOBILLERIŇ ULANYLYŞ MÖHLETI BOÝUNÇA TOPLUMY

Ulanylyş möhleti boýunça hojalygyň balansynda duran awtomobil toparlary tehniki pasportlar we buhgalter hasabatynyň esasynda düzülýär. 48-nji setirde hojalyklar tarapyndan ulanylýan awtomobilleriň hemmesi, şol sanda ulanyş möhleti boýunça görkezilýär.

49-53-nji setirlerde ulag serişdeleriniň aýry toparlary (ýük daşaýan awtomobiller, ýolagçy gatnadýan awtobuslar, bellenen ugry bilen gatnaýan taksomotorlary goşmak bilen, ýolagçy gatnadýan ýeňil awtomobiller, pikaplar we ýeňil furgonlar, ýörite ýeňil awtomobiller) ulanyş möhleti boýunça görkezilýär.

## 4 BÖLÜM. AWTOULAGYŇ IŞINIŇ MALIÝE GÖRKEZIJILERI

Awtomobilleri ulanmakdan alynýan girdejilere (54-nji setir) hojalygyň girdeji hasap bölümine gelýän pul serişdeleriniň jemi goşulýar. Aşakdakylar esasy girdeji çeşmeleri bolup durýar:

- ulag işinden gelen serişdeler (ýük daşamakdan we ýolagçy gatnatmakdan, ilatyň sargytlary boýunça beýleki ulag-ekspedisiýa hyzmatlary);
- döwletden we döwlet edaralaryndan alnan serişdeler (öwezini dolma tölegleri we beýleki pul kömekleri);
- beýleki gelen serişdeler (ulag işi bilen bagly bolmadyk gelen serişdeleriň hemmesi).

Çykdajy bölümine aşakdakylar girýär (55-nji setir):

- zähmet haky (işçileriň we gullukçylaryň zähmet haky, pensiýalar, beýleki durmuş ätiýäçlyk tölegleri);
- materiallaryň we hyzmatlaryň bahasynyň harajatlary (hojalyk üçin materiallary satyn almak we edilen hyzmatlaryň tölegi);
- ýangyç üçin çykdajylar;
- salgytlar;
- maliýe tölegleri;
- beýleki çykdajylar (esasy serişdeleri dikeltmek üçin tutumlary, ätiýaçlyk töleglerini we ş.m. goşmak bilen).

## 5 BÖLÜM. PUDAK EDARALARYNYŇ AWTOMOBIL ÝOLLARY

Hojalygyň hasabynda ulag serişdeleriniň barlygyna we ýoklugyna garamazdan, hasabata almaga degişli bolan gara ýollaryň görnüşleriniň biri, kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň, daýhan birleşikleriniň, telekeçileriň ýollarydyr, olaryň ýolbaşçylary gara ýollaryň gurluşygyna, saklanyşyna we (ýa-da) ulanylyşyna jogap berýärler we özüniň tehnologik, edara we hususy zerurlyklary üçin peýdalanýarlar. Hasabata şäher we halkara uly gara ýollar goşulmaýar. Şeýle ýollara hojalyklaryň ýollary, karýer hojalyklara, kömekçi hojalyklara we ş.m. barýan gara ýollar degişlidir.

56, 57, 59, 61-nji setirlerde hojalygyň balansynda duran, hasabat ýylda hasaba alnan we hasapdan çykarylan gara ýollaryň uzynlygy, şol sanda gaty örtükli we kämilleşdirilen örtükli ýollar görkezilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**